# Bütinleý täze bir döwür gelýär

Category: Kitapcy,Maliýe we ykdysadyýet
написано kitapcy | 23 января, 2025
Bütinleý täze bir döwür gelýär BÜTINLEÝ TÄZE BIR DÖWÜR GELÝÄR



Koronawirus bilen birlikde durmuşymyzda, sistemalarda, bütin dünýäde birentek üýtgeşmeleriñ bolup geçendigi hakynda kän zatlary ýazýarys. Şeýle-de bolsa, bu üýtgeşmeleriñ köpüsi birdenkä ýüze çykan zatlar däl. Öñden bäri ýakynlaşýandygyny görýän, duýýan üýtgeşmelerimizdi. Ýöne olar bu ýowuz belanyñ gelmegi bilen has çaltlandylar. Şonuñ üçin bu zatlaryñ tapawudyny indi has gowy aýyl-saýyl edip bolýar.




- **Hytaý-ABŞ «Sowuk urşy»**

Hemmämize mälim ýene bir üýtgeşmeleriñ biri-de – Hytaýyñ dünýä sahnasyna çykmagydyr. Wirus hernäçe Hytaýda döräp, ýer ýüzüne ýaýranam bolsa, şonuñ üçinem hemmelerden Hytaýy ýykan-ýumran etjek ýaly görünýänem bolsa… Epidemiýa garşy göreşi göwnejaý alyp barmagy, ykdysady çarhlary-da çaltlyk bilen täzeden aýlap başlamagy Hytaýyñ güýjüne güýç goşýana meñzeýär. Bardy-geldi güýçlenmedik bolaýanda-da bu gün dünýäde iñ köp gürrüñi gidýän ýurda öwrüldi. ABŞ-nyñ Prezidenti Trampyñ we onuñ toparynyñ Hytaýy nyşana almaklarynyñ düýp sebäbi hem şunda. Biz birdenkä

özümizi şonsuzam ýetip gelýän ABŞ-Hytaý «Sowuk urşunyñ» arasyndan gözlemäge başladyk.
Gepiñ keltesi, amerikan gegemoniýasynyñ astyndaky ýeke polýarly dünýä düzgüniniñ soñy geldi. Indi iki polýarly täze düzgüniñ aýak sesleri eşdilýär…

* * *

Täze dünýäniñ syýasy sahnasynda görýän ýene bir gelmegine garaşýan üýtgeşmämiz Ýewropada bolup geçdi. Ýewropa bileleşigi (ÝB) öñem dargamagyñ öñüsyrasynda durdy. Angliýanyñ «Breksit» kampaniýasy oña uly urgy bolupdy. ÝB-niñ ABŞ bilen arasynda dörän uçurymda-da eli mazaly gysgalypdy. Öz içinde-de tutaryksyz, dagynyk syýasat ýöredýärdi. Häzirki wagtyñ koronawirus epidemiýasynda bir bitewi we durnukly syýasat ýöredip bilmezligi, agzalaryna arka çykyp bilmezligi we hatda Italiýanyñ mysalynda görlüşi ýaly ýeke goýmagy, ÝB-niñ dargama prosesini başdan geçirýändigine yşarat hökmünde görkezip bolar. Galyberse-de, Fransiýanyñ Prezidenti Makron hem «Financial Times»-yñ geçen hepdedäki sanyna beren interwýusynda ÝB-niñ dargap, ýewrodollaryñ aýryljakdygyny aýtdy. Şeýlelikde ilkinji gezek ÝB-niñ düýbüni tutujy agzalaryndan bolan biriniñ agzyndan bu hakykaty eşitdik.




- **Tehnologiýa eýýamy**

Ýene bir çakganlaşan üýtgeşme-de tehnologiýa bilen baglanyşykly. Şonsuzam soňky on ýylyň içidir tehnologiýanyň durmuşymyza ymykly aralaşandygy hakykat. Bu öwrülişigiň netijesinde biz tehnologiýa gitdigiçe garaşly hala öwrüldik. Özüňiz baha beriň, häzirki gelip ýeten sepgidimizde tehnlogiýa biziň durmuşymyzyň merkezinde dälmi, şonsuz durmuşy göz öňüne getirmek mümkinmi? Bu gün öýde kompýuteri bolmadyk çagaňyza göwnejaý bilim bermek mümkin däl. Adamlar bilen özara gatnaşyklarymyzam doly diýen ýaly tehnologiýanyň üsti bilen

amala aşyrylýar. Tehnologiýanyň biziň durmuşymyzdaky oýnaýan roluny ykrar etmezlik mümkin däl. Döwletara gatnaşyklarda-da tehnologiýanyň iň soňky gazananlaryndan peýdalanylýar. Şol sanda wirusyň ýaýrama tizliginden bejergi prosedurasyna çenli birgiden işleri tehnologiýanyň üsti bilen amala aşyrýarlar. Hytaý, Singapur, Günorta Koreýa ýaly koronawirusa garşy göreşde öňdebaryjy hasaplanýan köp ýurduň üstünligi tehnologiki taýdan kuwwatlydygyna baglanyşdyrylýar. Hususanam Hytaýda ulanylýan dronlar, goşarlara dakylýan elektron bukawlar, wirtual kodlar we ş.m. döwletiň adamlaryň iň pynhan syrlaryna aralaşmagyny üpjün etdi. Indiki nobat adam hamynyň aşagyna çipleriň oturdylmakdygyny aýdýarlar.

Ýagny, öňem golaýlap gelýän “tehnologiýa asyrynyň” içinde birdenkä peýda bolduk oturyberdik. Dünýäniň soňky uçran sferalaýyn “globallaşma” tolkuny häzirlikçe ornuny “tehnologiýa eýýamyna” berene meňzeýär. Ynha, hut şol sebäpli hem, öňümizdäki döwürde dünýäde kim tehnologiýany gowy ulanyp bilse, şol döwletler hem öňe saýlanar. Bu tolkunyň üstünde güýçlenen döwletler bosagamyza gelip dirän täze eýýamyň ýeňijileri bolar.




- **Ýoluny üýtgeden kapitalizm**

Ýene bir depgini batlanan üýtgeşme hem ykdysady ulgamda bolup geçdi. Dünýä öňden bäri kapitalistik sistemany göterip bilenokdy. Ösüşiň nädip kemala gelýändigi bilen gyzyklanmaýan, diňe arassa girdejä esaslanýan sarp edijiligiň üstünde gurlan düzgüniň mundan beýläk dowam etmegi mümkin däldi.
Sferalaýyn üpjünçilik zynjyrlary we senagat birdenkä togtady welin, ýurtlaryň biri-birlerine garaşly ýagdaýda galyp, öz önümçiligini ikinji orna düşürmekleriniň näderejede ýalňyşdygyny orta çykardy.

Şonuñ üçinem, mundan beýläk ykdysadyýetiñ çygrynyñ daralmagy bilen birlikde, gyradeñ bolçulygyñ döredilmegine üns berýän, halkyna has deñ göz bilen seredýän we öz maddy-üpjünçilik çeşmelerini güýçlendirmäge üns berýän döwletler öñe saýlanar. Ekerançylygy, maldarçylygy, ýer işläp bejermegi we ýerli önümçiligi ünsden düşürmeýän ýurtlar bu täze eýýamyñ ýeñijileri bolarlar.

* * *

Sözümizi jemläp aýdar bolsak: üýtgeşmelere baý ýene bir üns bermeli husus hem maglumat bilen baglanyşykly. Has dogrusy, hakykata göz ýetirme aýratynlygymyz… Hususanam bu epidemiýa barada ýaşaýan ýurdunyñ döwletinden, hökümetinden arassa we dogruçyl maglumat eşdesi gelýän raýatlar üçin hakykatyñ gymmaty gaýtadan belli boldy. Eýýäm birnäçe ýyl bäri internet üsti bilen ýaýradylýan ýalan-ýaşryk maglumatlardan ýaña bogaz bolan adamlar «ýasama hakykat» diýilýän bolgusyzlygyñ guýrugyna tirkelýärdi. Ýogsam bolmasa, hakykatyñam bir ýasamasy bolarmy? Ýalñyş maglumatyñ adam pidalaryny döredip biljekdigine görlensoñ, şindem bolsa dogruçyllygyñ, dogry maglumatyñ nähili gymmatly zatdygyna düşünildi..

Werda ÖZER,
verdaozer@gmail.com

29.04.2020 ý, «Milliyet» gazeti

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Maliýe we ykdysadyýet